**Internet-hyzmatlaryny Türkmenistanyň aragatnaşyk kärhanasy tarapyndan ýerine ýetirmek baradaky “ 23 ” 09 2019ý, IK569 şertnama ___-nji Goşundy**

«18» 04 2024 ý.

Aşgabat ş.

Bir tarapdan “Türkmentelekom” EAK-sy, onuň adyndan Tertipnamasy esasynda hereket edýän **Baş Direktor H.S.Awganow**, mundan beýläk “Operator” diýlip atlandyrylýan we beýleki tarapdan **A.S.Puşkin adyndaky umumy orta bilim berýän bilelikdäki türkmen-rus mekdebi** onuň adyndan Tertipnamasy esasynda hereket edýän **Direktor Kuminowa I.P** mundan beýläk “Peýdalanyjy” diýlip atlandyrylýan 2024–nji ýylyň “17” 04 №110 hatyň esasynda şu aşakdakylar barada Şertnamany baglaşdylar.

“Operator” “Peýdalanyja” aşakdaky Internet-hyzmatlary we işleri ýerine ýetirmekligi borçlanýar:

2. **Infokanal internet-hyzmatyny 10mbit/sek tizlige çenli ( Bilim. 1500.00 manat) bermeklige.**

Taraplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, hasaplaşyk düzgüni we salgysy 2019–nji ýylyň “ 23 ” 09 baglaşylan № **IK569** belgili Şertnamada görkezilendir.

**“Operator”**

(goly, möhüriň ýeri)

**“Peýdalanyjy”**
**Direktor Kuminowa I.P**

(goly, möhüriň ýeri)

Ýerine ýetiren MBI we HGB-niň hünärmeni Paýzyýewa B

Haш

**Türkmenistan-Onlaýn ulgamynyň hyzmatlaryny Türkmenistanyň aragatnaşyk kärhanasy tarapyndan ýerine ýetirmek baradaky Şertnama**

**№IK569** «23» 09 2019ý.

Bir tarapdan "Türkmentelekom" EAK-sy, onuň adyndan Tertipnama esasynda hereket edýän **Baş Direktor H.S.Awganow** mundan beýläk "Prowaýder" diýlip atlandyrylýan we beýleki tarapdan **A.S.Puşkin adyndaky umumy orta bilim berýän bilelikdäki türkmen-rus mekdebi;** mundan beýläk "Ulanyjy" diýlip atlandyrylýan 2019–njy ýylyň "06" 09 №181 hatyň esasynda şu Şertnamany baglaşdylar.

## 1 Şertnamanyň maksady

1.1 Prowaýder Türkmenistan-Onlaýn ulgamynyň şu aşakdaky esasy hyzmatlaryny ýokary hilde "Ulanyja" bermek üçin borçlanýar:

- Internet ulgamyna girmek mümkinçiligini gurnamak we elektron poçtasyna birikdirmek;
- goşmaça poçta sandyklaryny (ýaşiklerini) birikdirmek;
- ýitirilen barlag kagyzyny täzelemek;
- esasy poçta sandygynyň (ýaşiginiň) adyny çalyşmak;
- goşmaça poçta sandygynyň (ýaşiginiň) adyny çalyşmak;
- zerur bolanda ulgamda işlenen wagtynyň möçberini çap edip bermek;
- Internet ulgamynda işlemek düzgünini ýerinde sazlamak;
- ulanmak boýunça kömek etmek we maslahat bermek.

1.2 Bahasanawynda görkezilen goşmaça hyzmatlar edara görnüşindäki taraplara we şahsy adamlara şu Şertnama goşulan Goşmaça Ylalaşyk esasynda ýerine ýetirilýär.

## 2 Taraplaryň hukuklary we borçlary

2.1 Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyk "Prowaýder" tarifleri, şertleri we tölegiň möhletini üýtgetmäge hukugy bar.

2.2 Prowaýder Türkmenistan-Onlaýn ulgam hyzmatlaryny barlag we bejeriş işleri geçirlen wagtyndan başga wagt doly we ýokary hilde ulanyşa hyzmaty bermäne borçlanýar.

2.3 "Ulanyjynyň" hukuklary:

- indiki kalendar aýy başlamanka ýazmaça arza berip Şertnamanyň güýjüni ýatyrmaga.
- wagtlaýynça 3 aý möhletine çenli Türkmenistan-Onlaýn ulgamynyň hyzmatlaryndan peydalanmaklygy bes etmeklik.

2.4 «Ulanyjynyň» borçlary:

- iki we ondan köp giriş liniýalary arkalay işlemezlik;
- ulgamynyň merkezine bikanun girmekligine ýa-da habarlaşmagyň gizlinligini saklamaklygyň garşysyna, bu barada habar almaklyga ýol bermezlik;
- bellik maglumatlaryň üýtgetmelerini "Prowaýdere" wagtynda habar bermäne, şertnamany bir aý öňünden arza esasynda ýatyrylmasa müşderi tölegini tölemäne.

## 3 Hasaplaşyklar

3.1 Ulanyjylar bilen hasaplaşyk tassyklanylan Bahasanawa laýyklykda amala aşyrylýar. Türkmenistan-Onlaýn ulgamynyň hyzmatlarynyň tölegini "Ulanyjy" karz tölegi arkaly amala aşyryp biler. Bu halatynda her aýyň müşderi tölegi geçirilen karz serişdelerden alynýar.

3.2 Türkmenistan-Onlaýn ulgamynyň hyzmatlarynyň töleg hatyny "Prowaýder" hyzmat edilen aýynyň indikisiniň 10-njy gününe çenli bermeli.

3.3 "Ulanyjy" ulgamda edilen hyzmatlar üçin tölegi 5 bank gunüň dowamynda aýyň 15-ne çenli tölemelidir. Töleg resminamalarynda "Ulanyjynyň" sertnama belgisi,töleg hatynyň belgisi we tölenen hyzmatlaryň görnişini görkezmelidirler.

3.4 "Ulanyjynyň" önünden geçirýän karz serişdesiniň möçberi üç aýlyk müttetlik töleginden az bolmaly däl we ol berlen töleg hatlaryň tölenmegi arkaly doldyrylmalydyr.

3.5 Berlen hyzmatlar üçin "Ulanyjy" wagtynda tölegi geçirmekden ýüz öwürse "Prowaýder" şu aşakdakylara hukugy bar:

- Türkmenistan-Onlaýn ulgamynyň hyzmatlaryny ulanmakdan aýyrmak, töleg hatyny inkasso goýmaga;

- Ulanyjynyň" adyna resmileşdirlen şäher telefon belgisini öçürmek;

- Şertnamany ýatyrmak, öçürilen döwürde poçta sandygyna gelen maglumatlary öçürmek;

- işi kazyýetiň garamagyna geçirmek;

## 4 Jogapkärçilik

4.1 "Prowaýder" "Ulanyjynyň" hasabat maglumatlaryny gizlinlikde saklamaklyga jogapkärçilik çekýär.

4.2 "Prowaýder" aşakdakylara jogapkärçiligi çekenok:

- "Ulanyjynyň" Türkmenistan-Onlaýn ulgamyndan iberýän maglumatynyň mazmunyna;

- "Ulanyjynyň" öz hasabat maglumatyny başga birine ýaýradanlygy sebäpli, ýüze çykan ähli zyýanlyklara;

- başga edaralar tarapyndan berilýän aragatnaşygynyň hiline;

- "Ulanyjy" tarapyndaky enjamlaryň we programma üpjünçiligiň işlemek ukybyna.

4.3 "Ulanyjy" aşakdakylara jogapkärçiligi çekýär:

- öz ulgam rekwizitleri bilen özüniň ýa-da başga adamlaryň eden işleriniň netijesinde raýatlaryň şahsyýetine, edara görnüşindäki taraplaryň, döwletiň emlägine ýa-da jemgiýetiň ahlak düzgünlerine ýetirilen zyýanyna (hereket edýän kanunlaryň esasynda);

- Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda onuň hereketi bilen (hut özüniň ýa-da onuň ulgam rekwizitleri arkaly) raýatlaryň, edara görnüşindäki taraplaryň, döwletiň namysyna ýa-da emlägine, hem-de jemgiýetiň ahlak kadalaryna ýetirilen zyýanyna;

- Türkmenistan-Onlaýn ulgamynda onuň özüniň ýa-da onuň ulgam rekwizitleri bilen iberilen maglumatlarynyň mazmunyna: onuň hakykatlygyna, üçünji adamlar tarapyndan bildirilip bilinjek nägileliklerinden arassalygyna we ony ýaýratmaklygynyň hukuk taýdan dogrylygyna.

4.4 "Ulanyjy" tarapyndan kompýuter wirusy ulgama girizilende, ýa-da maglumatlar sistemasynyň işlemeginiň garşysyna başga päsgelçilik hereket edilende ýokarda agzalan çäreleri görmek.

4.5 "Ulanyjynyň" hyzmaty üçünji bir adama bermeklige ýa-da satmaklyga hukugy ýokdyr.

4.6 Şu şertnama boýunça taraplaryň arasyndaky jedeller gepleşikler arkaly çözülýär, egerde gepleşikler arkaly jedelleri çözmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda jedeller Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýykjykda çözülýär.

## 5. Güýje girmek tertibi

5.1 Şu Şertnama pul serişdeleriň hasaplaşyk hasabatyna alnan senesinden başlap, bir ýylyň dowamynda hereket edýär.

5.2 Hereket edýän ahyrky möhletine iki hepde galanda hiç bir tarap şu Şertnamanyň ýatyrylýanlygyny beýan etmese, Şertnamanyň möhleti indiki ýyla dowam edilýär.

**6. Taraplaryň salgysy**

«Prowaýder»: »: ş.Aşgabat, Arçabil şaýoly köç. 88
Türkmen manatda töleg üçin hasaplaşyk hasaby: 23201934120127400001000 **"TDDYIB" kody** 101161000158,**kor.hasaby** 21101934110100000006000
**MFO** 390101201

«Ulanyjy»:
şahsy adamlar üçin:
pasport seriýa_____ №________________, bellige alnan ýeri
______________________________________________

edara görnüşindäki taraplar üçin:

ýuridiki salgysy СГРСОШ им. А. С. Пушкина, Garaşsyzlyk ş. 64
bank hasabaty,bankyň ady 23201934174243900004000 АКБ „Сенагат", ф-л Телеком
MFO 390101742
salgyt kody 102161002428
kor. hasaby 21101934110100200000000

bellige "Ulanyjynyň alnanlygy baradaky berlen şahadatnama
belgisi______________________

**«Prowaýder»**
________________
**(goly, möhüriň ýeri)**

TÜRKMENISTANYŇ SENAGAT WE KOMMUNIKASIÝA MINISTRLIGI "TÜRKMENTELEKOM" ELEKTRIK ARAGATNAŞYK KOMPANIÝASY

**«Ulanyjy»**
________________ Солсуева Е. К.
**(goly, möhüriň ýeri)**

СОВМЕСТНАЯ ТУРКМЕНО-РОССИЙСКАЯ СРЕДНЯЯ ОБЩЕОБРАЗОВАТЕЛЬНАЯ ШКОЛА ... А.С.ПУШКИНА
UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN BILELIKDÄKI TÜRKMEN-RUS MEKDEBI ... A.S.PUŞKIN

*Ýerine ýetiren:MBI we HGB-nih operatory :Annaýewa G.*